CIET 2025
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO



# SYÝAHATÇYLYK WE ÝAŞAÝYŞ GOLLANMASY

## "Türkmenistanyň Gurluşyk, Senagat, Himiýa, Energetika Pudaklarynyň Ösüşi" atly Halkara Maslahaty

2025-nji ýylyň 3-5-nji noýabry



Ýyldyz



Diwan



Olimpiýa

GOŞMAÇA MAGLUMATLAR ÜÇIN
www.ciet-turkmenistan.com

# HORMATLY WEKIL!

2025-nji ýylyň 3-5-nji noýabrynda, Türkmenistanyň Aşgabat şäherinde geçiriljek "Türkmenistanyň Gurluşyk, Senagat, Himiýa, Energetika pudaklarynyň ösüşi" atly halkara maslahatyna hoş geldiňiz! Bu resminamada syýahatyňyzyň rahat we ýakymly geçmegini üpjün etjek möhüm maglumatlar bar.

# WIZA ALMAK BARADA MAGLUMAT

Türkmenistana gelýän ähli daşary ýurtly wekiller ýurda gelmezden öň ýa-da soň wiza almalydyrlar. Wiza almak üçin şu aşakdaky ädimleri ýerine ýetirmeli:

### 1-nji ädim: Wekilýet şertnamasy

- Maslahata gatnaşmak üçin aşakdaky web-sahypa boýunça hasaba alynmaly: https://ciet-turkmenistan.com/tm/registration, şertnama gol çekmeli we wekilçilik ýygymyny tölemeli. Şondan soňra biz şu aşakdakylar boýunça Size kömek edip bileris:

- Çakylyk haty (LOI) üçin ähli zerur resminamalary ýygnamak;
- Çakylyk hatyny almak üçin Türkmen döwlet migrasiýa gullugyna degişli resminamalary taýýarlamak
- Size LOI-y ugradyp, uçar peteklerini we myhmanhanany bron etmek

### 2-nji ädim: Çakylyk haty (LOI)

LOI almak üçin biziň hünärmenlerimize şu aşakdaky resminamalary ibermeli:
1) Size PDF görnüşinde iberiljek anketany dolduryň;
2) Wizanyň resmileşdirilmegi üçin, gelişiňizden başlap azyndan 6 aý möhlet bilen hereket edýän pasportyňyzyň reňkli skan nusgasyny (iň azyndan 2 sany boş sahypasy bolmaly) e-poçta arkaly iberiň.
3) 6 aýyň içinde düşürilen 5x6 ölçegli ýokary hilli suraty bize iberiň;
4) Gol çekilen wekilýet şertnamasy;

- **Türkmenistanyň migrasiýa gullugyndan çakylyk hatyny almak üçin 7-10 gün gerek bolýar.**

### 3-nji ädim: Türkmenistanyň wizasy

Çakylyk hatyny alanyňyzdan soň, Türkmenistanyň wizasyny almak üçin iki ýoluňyz bar:

1) Öz ýurduňyzda ýerleşýän Türkmenistanyň ilçihanasyndan wiza almak üçin arza beriň. Öz ýurduňyzdaky ilçihanadan wiza almagyň 3-den 5 gününe çenli dowam edip biljekdigini ýadyňyzdan çykarmaň.

2) LOI nusgasyny migrasiýa gullugynyň işgärine (howa menzilinde ýa-da barlag nokadynda) Türkmenistana geleniňizden soňra görkeziň

**Guramaçylaryň wiza almak üçin kömek edip biljekdigini, ýöne Size wiza beriljekdigine kepil geçip bilmeýändiklerini ýatda saklaň.**

Çakylyk hatynyň berilmegi Türkmenistanyň "Migrasiýa hakyndaky" Kanuny bilen düzgünleşdirilýär. Gijikdirmelerden gaça durmak üçin wiza çakylygyny resmileşdirmäge gerek bolan arzany mümkin boldugyça ir, resminamanyň görkezmelerine laýyklykda ibermegiňizi haýyş edýäris.

**Wiza üçin ýüz tutmak boýunça soňky möhlet 2025-nji ýylyň 25-nji oktýabry.**

Biziň toparymyz hasaba alnan ähli wekillere wiza goldawyny berip biler
Eger Sizde sorag ýüze çykan bolsa şu web-sahypa ýüz tutuň: **info@ciet-turkmenistan.com**

## Geliş uçuşlar

*** 12.10.2025-nji ýyla çenli hereket edýär**

| Uçuş ugry | Uçuş güni | Uçuş wagty | Gonuş wagty |
|---|---|---|---|
| Aşgabat - Dubaý | 1 | 19:10 | 20:40 |
| Aşgabat - Dubaý | 3 | 07:55 | 09:25 |
| Aşgabat - Abu Dabi | 5 | 17:45 | 19:15 |
| Aşgabat - Deli | 3 | 01:25 | 05:35 |
| Aşgabat - Deli | 4 | 09:20 | 13:30 |
| Aşgabat - Pekin | 5 | 19:45 | *05:05 |
| Aşgabat - Pekin | 7 | 03:30 | 12:20 |
| Aşgabat- Bangkok | 5 | 18:35 | *02:55 |
| Aşgabat- Bangkok | 7 | 04:45 | 13:05 |
| Aşgabat - Kuala-Lumpur | 2 | 15:40 | *02:40 |
| Aşgabat - Kuala-Lumpur | 4 | 05:20 | 16:20 |
| Aşgabat- Seul | 1 | 13:00 | *00:30 |
| Aşgabat - London | 3 | 12:10 | 14:10 |
| Aşgabat - London | 6 | 13:10 | 14:10 |
| Aşgabat - Frankfurt | 3 | 12:30 | 15:30 |
| Aşgabat - Frankfurt | 6 | 13:40 | 14:50 |
| Aşgabat - Milan | 3 | 13:40 | 16:00 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Aşgabat - Milan | 6 | 12:10 | 14:30 |
| Aşgabat - Milan | 7 | 21:10 | 23:30 |
| Aşgabat - Stambul | 1,2,3,4,5,6,7 | 19:15 | 21:15 |

## Gidiş uçuşlar

| Uçuş ugry | Uçuş güni | Uçuş wagty | Gonuş wagty |
|---|---|---|---|
| Dubaý - Aşgabat | 1 | 22:10 | 01:40 |
| Dubaý - Aşgabat | 3 | 10:45 | 14:15 |
| Abu Dabi - Aşgabat | 5 | 21:00 | *00:30 |
| Deli - Aşgabat | 3 | 07:00 | 10:40 |
| Deli - Aşgabat | 4 | 15:10 | 18:50 |
| Pekin - Aşgabat | 6 | 06:35 | 10:50 |
| Pekin - Aşgabat | 7 | 13:45 | 18:25 |
| Bangkok - Aşgabat | 6 | 04:20 | 09:50 |
| Bangkok - Aşgabat | 7 | 15:10 | 20:40 |
| Ho şi Min - Aşgabat | 3 | 03:30 | 09:30 |
| Ho şi Min - Aşgabat | 4 | 19:20 | *01:20 |
| Kuala Lumpur - Aşgabat | 3 | 04:40 | 09:40 |
| Kuala Lumpur - Aşgabat | 4 | 18:20 | 23:20 |
| Seul - Aşgabat | 2 | 02:30 | 07:20 |
| London - Aşgabat | 3 | 15:55 | *02:55 |
| London - Aşgabat | 6 | 15:40 | *02:20 |
| Frankfurt - Aşgabat | 3 | 18:00 | *03:40 |
| Frankfurt - Aşgabat | 6 | 16:50 | *02:30 |
| Milan - Aşgabat | 3 | 18:00 | *03:30 |
| Milan - Aşgabat | 6 | 16:00 | *01:30 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Milan - Aşgabat | 1 | 01:30 | 11:00 |
| Stanbul - Aşgabat | 1,2,3,4,5,6,7 | 02:40 | 08:30 |

Ýardam almak üçin info@ciet-turkmenistan.com salgysyna ýüz tutup ýa-da **+99371622237** telefon belgisine jaň edip bilersiňiz.

**Türkmenistana geleninden soň wiza alýan daşary ýurt wekiliýetleriň ýanlary bilen howa menzilinde ýa-da gury ýer serhedindäki gözegçilik-barlag nokadynda migrasiýa gullugynyň işgärine görkezmek üçin çakylyk hatynyň çap edilen nusgasynyň bolmalydygyny ýatladýarys.**

# ÝAŞAÝYŞ ÝERI

Guramaçylyk komiteti "Olimpiýa", "Ýyldyz" we "Diwan" myhmanhanalarynda ähli halkara wekiller üçin otaglaryň amatly bahalar bilen üpjün edýär. Maslahatyň geçirilýän ýerinden mugt ulag hyzmaty diňe şu myhmanhanalardan peýdalanylar.



## "Ýyldyz" myhmanhanasy

"Ýyldyz" myhmanhanasy (howa menzilinden 20 km uzaklykda) - Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda ýerleşýän bäş ýyldyzly kaşaň myhmanhanadyr. Bina Köpetdag daglarynyň eteginde ýerleşýär. Beýikligi 107 metr bolan bu myhmanhana Türkmenistanyň iň beýik myhmanhanasy bolup, ýokary derejeli we dürli görnüşli hyzmatlary hödürleýän döwrebap toplumdyr.

**Ýaşaýyş otag töleginiň içine girýär:**

- Ertirlik nahary.
- Tölegsiz Wi-Fi.
- SPA, ýapyk we açyk howuzlar, sport zaly.

**Giriş wagty: 14:00**
**Çykyş wagty: 12:00**



**Bir orunlyk otag-250 ABŞ dollary**





**Lýuks otag-350 ABŞ dollary**








## ➤ Ýapyk we Açyk görnüşli howuzlar

Ýapyk görnüşli howuzda ajaýyp howa sazlaýyş ulgamy, suwuň hiline berk gözegçilik we rahatlandyryjy atmosferany üpjün edýän tebigy yşyklandyryşy bar. Açyk howuz güneşli howany gowy görýänler üçin yssy soň ajaýyp ýer bolar.







## Restoranlar

Irden Size gyzgyn kofe we ertirlik nahary, günortanlyk nahar üçin - lezzetli tagamlar agşamlaryna bolsa - gymmat içgiler, dünýäniň gowy aşhanalaryndan tagamly iýmitler we paýtagtyň hem-de Köpetdagyň ajaýyp görnüşi garaşýar. Öz işiniň ussat aşpezleri we hünärmenleri tarapyndan taýýarlanan milli hem-de özboluşly tagamlar her bir datly tagam muşdagynyň islegini kanagatlandyrar. "Panoramic" restoranynyň VIP zalynda Siz öz toparyňyz bilen iş naharyny gurnap ýa-da aýratynlykda dynç alyp bilersiňiz. Agşamlyk wagty, şowhunly we lezzetli dynç alyş üçin janly aýdym-saz çykyşlary hem bar





# "Diwan" myhmanhanasy



"Diwan" myhmanhanasy paýtagtymyzyň merkezinde ýerleşýär. Bu ýer myhmanlaryna ýokary derejeli rahatlygy, ýokary hilli we dürli hyzmatlary hem-de amatly ýerleşişi bilen aýratyn ýaşaýyş şertlerini hödürleýär. Myhmanhananyň binasynda VIP we delýuks otaglary bilen jemi 128 otag bar. Myhmanhananyň otaglary ýaşamak üçin gerek bolan ähli şertler bilen üpjün edilendir.

**Ýaşaýyş otag töleginiň içine girýär:**

- Ertirlik nahary.
- Tölegsiz Wi-Fi.
- SPA, ýapyk we açyk görnüşli howuzlar.

**Giriş wagty: 14:00**
**Çykyş wagty: 12:00**



**Bir orunlyk otag - 250 ABŞ dollary**





**Lýuks otag– 350 ABŞ dollary**









Mundan başga-da, myhmanhana dünýä derejesindäki aşhanasy bilen tanalýar, şol sanda italýan tagamlary hem-de baý türkmen milli aşhanasynyň lezzetlerini hödürleýär.

## Restoranlar





## Ýapyk we açyk görnüşli howuzlar we sport zaly

Howuz açyk asmanyň astynda salkyn howasy we rahat atmosferasy bilen tapawutlanyp, yssy günden soň naharlanmak, ýeňil tagamlardan lezzet almak ýa-da günortan wagty içgiler bilen dynç almak üçin ajaýyp mekandyr. Myhmanlar howuzyň golaýyndaky rahat oturgyçlaryň birinde dynç alyp bilerler.









# "Olimpiýa" myhmanhanasy



"Olimpiýa" myhmanhanasy Türkmenistanyň Aşgabat şäherinde ýerleşýän kaşaň we ajaýyp 4 ýyldyzly myhmanhanadyr. Myhmanhananyň arhitekturasy milli binagärligiň iň gowy däplerini, nusgawy we häzirki zaman görnüşlerini özünde jemleýär. Binanyň birinji gatynda ýapyk howuz hem-de SPA salon bar. Dynç alýanlar üçin fin saunasy, türk hammamy, fitnes zallary, massaž we gözellik salonlary bar. Ýaşaýyş otag töleginiň içine tölegsiz Wi-Fi, SPA, ýapyk howuz, sport zaly girýär.

**Ýaşaýyş otag töleginiň içine girýär:**

- Ertirlik nahary.
- Tölegsiz Wi-Fi.
- SPA, ýapyk we açyk görnüşli howuzlar.

**Giriş wagty: 14:00**
**Çykyş wagty: 12:00**



**Bir orunlyk otag-170 ABŞ dollary**



# Aşgabat şäheri

Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheri hat-da iň tejribeli syýahatçylary hem haýran galdyrar: binalaryň köpüsi ak mermer bilen örtülendir, köçelerde bolsa diňe ak awtoulaglar hereket edýär. Şol bir wagtyň özünde häzirki zaman binalar bilen bir hatarda altyn bilen bezelen äpet ýadygärlikleri görüp bilersiňiz.







# GÖZEL ÝERLERE GEZELENÇ



### Türkmen halysynyň milli muzeýi,

paýtagtymyzyň merkezinde, "Türkmenhaly" döwlet birleşiginiň administratiw binasynyň ýanynda ýerleşýär. 2001-nji ýylda tamamlanan, Ginnesiň rekordlar kitabyna giren, umumy meýdany 301 inedördül metr bolan dünýäniň iň uly elde dokalan halysy hem bu ýerde saklanýar.
**Salgysy: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 158.**
**Iş sagady: 09:00-17:30 (Duşenbe-Anna), 09:00-13:00 (Şenbe).**
**Dynç wagty: 13:00-14:00; Giriş: tölenen; Dynç güni: Ýekşenbe**

### Nusaý

Nusaý — bir wagtlar güýçli Parfiýa patyşalygynyň paýtagty bolupdyr; onuň harabalyklary Aşgabadyň 18 km günbatarynda ýerleşýär. Bu ýer iki bölege bölünýär-Köne Nsaý we Täze Nsaý. 27-nji ýylda bu ýadygärlik ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.
**Salgysy: Aşgabat şäheri, Bagyr obasy.**





### Bitaraplyk binasy

95 metrlik bina, äpet maýak ýaly ak mermerli Aşgabadyň ýokarsynda ýerleşýär.Bitaraplyk binasynyň depesindäki 12 metrlik Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Nyýazowyň heýkeli bilen bilelikde, binanyň umumy beýikligi 95 metrdir.
**Salgysy: Aşgabat şäheri, Bitarap şaýoly**

### Türkmenistanyň milli muzeýi

Ýurdumyzyň iň uly muzeýi-Türkmenistanyň milli muzeýidir. Onuň umumy meýdany 15 müň inedördül metre golaýdyr. Türkmenistanyň Milli muzeýiniň baý hazynasynda medeni we ýerli taryhy ähmiýete eýe bolan 130 müňden gowrak gymmatly eksponatlar saklanýar.
**Salgysy: Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, jaý 30.**
**Habarlaşmak üçin: +993 12 48-90-18 ; Iş wagty: 10:00-17:00;**



# KAFELER WE RESTORANLAR




## GÜL ZAMAN

"Gül zaman" restorany Aşgabadyň ajaýyp ýerinde ýerleşendir. Bu ýerde islendik adam ökde aşpezleriň taýýarlan tagamlaryndan datyp, restoranyň hoşniýetli atmosferasyndan lezzet alyp biler.Bu ýerde mylakatly işgärler, dürli we tagamly menýu hem-de ajaýyp saz bar. "Gül zaman" restorany rahatlygyň we myhmansöýerligiň höküm sürýän ýeridir.

**Salgysy: Aşgabat şäheri, Bitaraplyk şaýoly we Oguz han**

## ALPET STEAKHOUSE

"Alpet Stakehouse" - Aşgabadyň öňdebaryjy steýk restoranlarynyň biri bolup, ol özüniň ýerleşişi, rahatlygy we içerki üýtgeşik aýratynlyklary bilen tapawutlanýar hem-de myhmanlara dürli tagamlary we etiň ähli görnüşlerini hödürleýär.

**Salgysy: "Aşgabat" köpugurly stadiony ("Ýyldyz" myhmanhanasyndan daşda däl).**






## MANDARIN

Mandarin — nahar muşdaklary üçin italýan, Ýewropa we Gündogar Ýewropa aşhanalarynyň tagamlaryny hödürleýän restoran. By ýerde ajaýyp interýer we aýratyn hyzmat bar.

**Salgysy: Aşgabat şäheri, Ata-Türk köçesi, "Berkarar" söwda merkezi.**
**Habarlaşmak üçin: +993 12 46 82 80**

# KAFELER WE RESTORANLAR




## KEBAPÇY

Restoran müşderileriň arasynda gowy abraýa eýe we ol Aziýa we Ýewropa tagamlarynyň giň görnüşini hödürleýär.
**ASalgysy: A. Nyýazow we Bitarap Türkmenistan şaýollarynyň kesişýän ýeri, "Arkadag" seýilgähi. ("Oguzkent" myhmanhanasyndan daşda däl).**
**Habarlaşmak üçin: (+993 65) 72 66 40.**

## MADO

Restoranyň menýusy adaty türk aşhanasyna esaslanyp, çorbalaryň, esasy naharlaryň köp görnüşini görüp bilersiňiz. Şonuň bilen birlikde, myhmanlara ýerli tagamlaryň lezzetini almak mümkinçiligi berilýär
**Salgysy: A. Nyýazow we Bitarap Türkmenistan şaýollarynyň kesişýän ýeri, "Arkadag" seýilgähi. ("Oguzkent" myhmanhanasyndan daşda däl).**
**Habarlaşmak üçin: (+993 65) 72 12 00**



# ULAG ÜPJÜNÇILIGI

* Howa menzilinden myhmanhana, myhmanhanadan howa menziline, şeýle hem maksatnama laýyklykda maslahatyň geçiriljek ýerine ýa-da banket zalyna ugramak üçin ulag üpjünçiligi wekilçilik bukjasynyň çäklerinde tölegsizdir. Emma eger Siz sürüjili aýratyn awtobusy ýa-da awtoulagy kärendesine almak isleseňiz, biz Size aşakdaky mümkinçilikleri hödürläp bileris:



**50 adamlyk "YUTONG" awtobusyny kärendesine alyň:**

- **1 sagat - $50 (azyndan üç sagat)**
- **8 sagat - $300**




12 adamlyk “TOYOTA HIACE” mikroawtobusyny kärendesine alyň:

- 1 sagat - $40 (azyndan 3 sagat)
- 8 sagat - $250






**Lýuks derejeli awtoulagy sürüjisi bilen kärendesine alyň:**

**“TOYOTA LAND CRUISER 2022”,“MERCEDES C CLASS”;**

- **1 sagat - $200**
- **8 sagat - $1000**





**Rahat derejeli ýeňil awtoulagy sürüjisi bilen kärendesine alyň: «TOYOTA CAMRY», «HYUNDAY SONATA»;**

- **1 sagat - $50**
- **8 sagat - $400**

# Hyzmatdaş: "DESSANGE " gözellik salony

Şäheriň merkezinde ýerleşen "DESSANGE" gözellik salony myhmanlara aýratyn şertleri hem-de eksklýuziw hyzmatlary hödürleýär.

**Size garaşýar:**

- Ýörite hyzmatlar: saç kesmek, bezemek, derä hem-de dyrnaga ideg etmek we SPA hyzmatlary
- Ýakymly gurşaw we ýokary hilli hyzmat






**Oguz han köçesi, 126-njy jaý ýa-da "Arkaç" söwda merkezi 2-nji gat**

**+99361557755**

**Iş wagty: 9:00-21:00**

### BODY SPA TREATMENTS

**Myofascial and buccal facial massage** ........................ 250 m
(sculppting facial massage, anti-aging procedure, lasting 45 minutes)

**Full-body women's (60 min)**–oil massage .................... 300 m

**Full-body men's (60 min)**–oil massage ........................ 350 m

**Full-body (60 min) cream** massage ............................ 350 m

**Legs** (30 min) ........................................................ 180 m

**Back massage** (60 min) .............................................. 300 m

**Anti-cellulite massage** (60 min) .................................. 400 m

**Seaweed N Iud:** mud wrap with seaweed
(scrub, mask with warming or cooling effect................ 400 m

**GUAM TURMALINE ( FIR)**–**thighs, hips, arms**
contains algae, nicotine, and black tourmaline crystals that generate infra-red rays penetrating up to 5 cm deep (scrub, mask with warming eraccream) ............... 400 m

### HAIRDRESSING SERVICES

For any hairdressing service, the hair washing protocol includes therapeutic clay, PHYTODESS shampoo, and a nourishing mask suitable for your hair

**MEN'S SERVICES**

Men's haircut ........ 150 m
Men's styling ........ from 150 to 200 m
(shampoo included)
SPA care for men ........ 300 m
Shampoo bar ........ 350 m
Men's haircut with care (clay + shampoo + mask based on hair type)
Beard grooming ........ 50 m
Beard coloring ........ 200 m
Grey hair camouflage ........ 250 m

**WOMEN'S SERVICES**

| **Hair wath, care and styling** | Short | Medium | Long | Hair |
|---|---|---|---|---|
| - PHYTODESS/DESSANGE | | | | |
| - KERASTASE | 130 m | 160 m | 200 m | 400 m |
| **De Luxe Styling** | | | | |
| - Full-body women's (60 min) | 300 m | 190 m | 350 m | 550 m |
| - Full-body men's (60 min) | 300 m | 250 m | 350 m | 350 m |
| - Full-body (60 min) cream (scrub mask, anti cellulite rea) | 170 m | 220 m | 400 m | 270 m |
| **Evening hairstyle** | | | | 300 m |
| Simple braid ..500 m-30 mm | 300 m | 500 m | | 700 m |
| Simple braid from 150 to 5l | | 150 m | | 500 m |
| **Hair extensions** (1 capsule) | | | | 10 m |

**BODY-CELLULITE GUAM Program (Women, 120 min)**

**Anti-Cellulite GUAM** Program ........ 700 m
Single strand extension ........ 15-50 m
Tape-in extensions ........ 200 50 m
Capsule extension (1 capsule) ........ 10 m

# Habarlaşmak üçin:

+99371622237

info@ciet-turkmenistan.com

leili.malikova@tef-turkmenistan.com

www.ciet-turkmenistan.com

